Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna
### на 1 июня 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

MILLI KANUNÇYLYGYMYZYŇ HUKUK BINÝADY
3

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞI
5

HÄZIRKI ZAMAN NAGT DÄL PUL DOLANYŞYGYNYŇ GURALYŞY
8

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
11

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
13

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MILLI KANUNÇYLYGYMYZYŇ HUKUK BINÝADY

Ýurdumyzyň kanunçylyk hukuk ulgamyny kämilleşdirmegiň Watanymyzy mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýandygy Döwlet Baştutanymyzyň çykyşlarynda, duşuşyklarynda nygtalyp bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň 2023-nji ýylyň 6-njy aprelinde Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň birinji maslahatynda eden çykyşynda hem «Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň demokratik we hukuk esaslarynyň pugtalandyrylmagy, milli hukuk binýadynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 - 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» we beýleki kabul edilen maksatnamalarda kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi möhümdir. Türkmenistanda adamyň we raýatyň Konstitusiýada hem-de kanunlarda kepillendirilen hukuklaryny, azatlyklaryny goramak biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň baş maksady bolup durýar» diýip belleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we kanun esasynda berkidilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasy öz üniň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Rezolýusiýalarynda Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň esasy aýratynlygy, onda berkidilen hukuk kadalarynyň agramly böleginiň ynsanyň tebigy we mizemez hukuklarynyň kanun taýdan kepillendirilmegine gönükdirilenligindedir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda adam – jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde kesgitlenýär. Şunda adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir diýip bellenilýär.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1948-nji ýylda kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasyndan gelip çykýan esasy ylalaşyklara we konwensiýalara gatnaşýandyr. Olaryň arasynda Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktyny, onuň birinji we ikinji fakultatiw teswirnamalaryny, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda Halkara Paktyny, Jynsy taýdan kemsidilmeleriň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak hakynda, Aýallar babatda ähli kemsitmeleri aradan aýyrmak hakynda, Çaganyň hukuklary hakynda we beýleki Konwensiýalary mysal getirip bolar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 16-njy aprelinde çykaran 2233-nji karary bilen tassyklanylan Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasy milli kanunçylygymyzy halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek, şol sanda adam hukuklary babatynda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň hukuk esaslaryny üpjün edýän milli kanunçylygymyzy özgertmek boýunça öňde durýan wezipeleri durmuşa geçirmekde uly ähmiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 29-njy maddasynda erkekleriň we aýallaryň deň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem olary durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçilikler kepillendirilýär. Türkmenistanda aýallaryň ýokary jemgyýetçilik hukuk derejesiniň türkmen jemgyýetinde gadymdan gelýän demokratik gymmatlyklar bilen bagly beýan edilen bu konstitusion kadalar aýratyn bellärliklidir. Sebäbi hukuklaryň durmuşa geçirilmegi üçin deň mümkinçilikleriň kepillendirilmegi barada umumy ykrar edilen halkara kadalar Esasy Kanunymyzda beýan edildi. Bu kadalar «Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda öz beýanyny tapýar.

Esasy Kanunymyzyň 37-nji maddasynda her bir adamyň şahsy durmuşynyň eldegrilmezligine, şahsy we maşgala syrlaryna we olara eden-etdilikli gatnaşylmagyndan, şonuň ýaly-da hat habarlarynyň, telefon gepleşikleriniň we beýleki habarlarynyň syryny saklamak düzgünleriniň bozulmagyndan goranmaga hukugynyň bardygy görkezilendir.

Bu hukuklar «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda» 2017-nji ýylyň 20-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny we beýleki kanunçylyk namalary bilen durmuşa geçirilýär.

Raýatlaryň syýasy hukuklarynyň kepillendirilmeginde Türkmenistanyň Konstitusiýasynda Türkmenistanda syýasy köp dürlüligiň we köp partiýalylygyň ykrar edilýändigi, döwletiň raýat jemgyýetiniň ösmegi üçin zerur şertleri üpjün edýändigini we şol institutlaryň kanunyň öňünde deňdigi beýan edýän kadalaryň Türkmenistanyň demokratik döwlet hökmünde halkara abraýynyň ýokarlanmagynda uly ähmiýete eýedir.

Şonuň ýaly-da, Konstitusiýada her bir adama pikir we söz azatlygy, Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukuklary, raýatlara jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni, şeýle-de erkin saýlan wekilleriniň üsti bilen gatnaşmaga bolan hukugy, Türkmenistanyň çäginde erkin hereket etmäge we ýaşajak ýerini saýlap almaga hukuklary kepillendirilýär. Bu hukuklar «Syýasy partiýalar hakynda», «Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi we beýleki kanunlar bilen durmuşa geçirilýär.

Umuman alanyňda, Türkmenistanyň konstitusion  gurluşynyň esaslary erkin, garaşsyz döwleti dolandyrmagyň, ilaty durmuş taýdan goramagyň, raýatyň öz ene dilinde erkin gürlemegi, eýeçiligiň eldegrilmesizligi ýaly konstitusion hukuklary jemlenendir.

Milli ýörelgelere we dünýäniň ösen tejribesine laýyklykda kabul edilen  ýurdumyzyň Esasy Kanunynda döwletiň syýasy, ykdysady, hukuk esaslary bitewilikde bir maksada - türkmen halkynyň, ýurdumyzyň her bir raýatynyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyna gönükdirilendir. Geljekde hem demokratiýany ösdürmek, raýat jemgyýetini pugtalandyrmak, syýasy hukuk özgertmeleri çuňlaşdyrmak boýunça  alnyp barylýan işler ýurdumyzda syýasy durnuklylygyň, jemgyýetçilik asudalygynyň we agzybirliginiň kanunçylyk esaslaryny berkider, konstitusion gurluşyň esaslaryny pugtalandyrar.

Pursatdan peýdalanyp, bizi eşretli zamanada ýaşamaga ähli mümkinçilikleri döreden Hormatly Prezidentimiz - Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

**Ýusup AKMÄMMEDOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Hukuk gullugynyň baş hünärmeni,
Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň
Halk maslahatynyň agzasy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞI

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek, hususan-da, ykdysadyýetiň mundan beýläk-de durnukly ösüşini üpjün etmek üçin ähli şertler döredilip, işewürlik we maýa goýum işjeňligini, telekeçilik başlangyçlaryny höweslendirmäge uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýeti ägirt uly serişdelere eýedir. Ykdysadyýetde bu serişdeler tebigy, zähmet, önümçilik serişdeleri diýlip atlandyrylýar. Olara önümçiligiň faktorlary hem diýilýär. Önümçiligiň gidişi we onuň netijeleri gönüden-göni önümçiligiň faktorlaryna bagly bolup durýar.

Soňky ýyllarda döredilen täze önümçilikler, häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan gaýtadan işleýän toplumlar pudaklaryň önümçilik düzümini yzygiderli kämilleşdirmäge, önümleriň hilini ýokarlandyrmaga, görnüşlerini artdyrmaga, halkara gatnaşyklary giňeltmegiň, eksport möçberlerini artdyrmagyň hasabyna içerki we daşarky söwdada, haryt-çig mal bazarlarynda ýokary ykdysady görkezijileri gazanmaga mümkinçilik berýär.

Islendik ýurduň maliýe ulgamynda merkezi orny bank ulgamy eýeleýär. Şonuň üçin bank ulgamynyň depginli ösüşi ýurduň ykdysady ulgamyny pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, bank işjeňligi yzygiderli ýokarlandyrylýar. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belläp, bu ugurda alnyp barylýan işleriň bank ulgamynyň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmeginde möhüm ähmiýete eýedigine ünsi çekýär we bu babatda ýerine ýetirilýän işleri dowam etdirmegi degişli ýolbaşçylara tabşyrýar.

Bank ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler netijesinde bu ulgam sanlylaşdyrylýar. Taslamalary maliýeleşdirmekde, milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmekde, halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlykda, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekde bank ulgamy möhüm orun baradaky eýeleýär.

Bank ulgamynyň ygtybarlylygyny has-da ýokarlandyrmak boýunça häzirki wagtda geçirilýän işler döwlet strategiýasynda aýratyn ähmiýete eýedir. Şunda maliýeleşdirmegiň sanly tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, maýalary dolandyryş we töwekgelçilikleri öňünden duýduryş ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, korporatiw dolandyryş ulgamyny kemala getirmek, şeýle hem telekeçilik ulgamyny kämilleşdirmek, banklary girdejililigini we düşewüntliligini artdyrmak möhüm ugurlar hasaplanylýar.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi sazlaşykly ösdürmek, hususy başlangyçlary goldamak üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertleri döredildi. Munuň özi telekeçilik düzüminiň, salgyt ulgamynyň esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallarynyň geçirilmeginiň, ýer böleklerini bermegiň tertibiniň, ýeňillikli karzlary bermegiň ýönekeýleşdirilmeginde, telekeçiler üçin karzlary, gümrük we söwda amallaryny resmileşdirmegiň kadalarynyň ýeňilleşdirilmeginde öz beýanyny tapýar. Bu çäreler 2018 – 2024-nji ýy-

llarda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça Döwlet maksatnamasyny yzygiderli durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylýar. Ýurdumyzda ykdysadyýetiň hususy pudagyny döwrebaplaşdyrmaga maýa goýum serişdeleriniň barha giňden çekilmegi oňyn netijelerini berýär.

Karzlar – banklar we karzlaşdyryşa ygtyýarly beýleki maliýe-karz edaralary tarapyndan ýuridik şahslara, hususy telekeçilere we ilata gaýtaryp bermek, möhletlilik we göterim tölemek şerti bilen berilýän pul serişdeleri.

**1-nji şekil.**

**Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata beren karzlary (ýylyň ahyryna), million manat**




*Çeşme: Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri. 2022 ý. 141 s.*

Ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmakda we depginli ösüşini üpjün etmekde, onuň dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna üstünlikli goşulyşmagynda bank ulgamynyň durnuklylygy örän wajypdyr.

Bank işiniň netijeliligini we ygtybarlylygyny has-da artdyrmak, dünýä tejribesi esasynda hasaplaşyk-töleg ulgamyny kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň önümçilik ulgamynyň karzlaşdyrylyşyny ösdürmek, kiçi önümçilikleri höweslendirmek, karz serişdeleriniň elýeterliligini kemala getirmek, hyzmatlaryň hilini gowulandyrmak, esasy maliýe guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda bank işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny halkara ölçeglere kybap getirmek maksady bilen çäreler görülýär.

Ýurtda ykdysadyýetiň sazlaşykly hem-de yzygiderli ösüş depginleri tutuşlygyna ilatyň umumy iş bilen üpjünçiligini, girdejilerini ýokarlandyrmaga hem-de nyrhlary emele getirmegiň durnuklylygyny makroykdysady taýdan deňleşdirmäge gönükdirilendir.

**2-nji şekil.**

**Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik hasaplaryndaky we depozitlerindäki serişdeleri (ýylyň ahyryna), million manat**




Elektron bank ulgamynyň düzüminiň ösmegi, nagt däl hasaplaşyklaryň mukdarynyň artmagy, banklaryň maýa serişdeleriniň köpelmegi, orta we kiçi telekeçiligi karzlaşdyrmagyň ýokarlanmagy we bank önümleriniň täze görnüşleriniň hödürlenmegi bellenmäge degişlidir. Munuň mysaly hökmünde «Altyn asyr», «Milli kart», «Maşgala», «Goýum bank karty» diýen

kartlar hem-de «Internet-bank», «Mobile-bank», «Galtaşyksyz töleg» ulgamlary arkaly nagt däl hasaplaşyklaryň sanynyň artandygyny agzap bolar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklary has-da ösdürmek, pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, hödürlenilýän hyzmatlary onlaýn tertibinde amala aşyrmak, bank kartlary arkaly töleg ulgamynyň gerimi giňeldilýär. Hususan-da, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň üsti bilen müşderiler banka barmazdan dünýäniň islendik künjeginden tölegleri amala aşyryp bilýärler. Mundan başga-da, müşderilere Internet ulgamynyň üsti bilen menzilara bank hyzmatlary, ýurdumyzda hasaplaşyk-töleg ulgamynda döwrebap tehnologiýalary müşderilere hödürlemek maksady bilen bölek satuw we hyzmat ulgamynda «QR-code» (dessin tassyklanylýan kod) arkaly hasaplaşyklar hödürlenilýär.

Ýörite terminallaryň üsti bilen söwda we hyzmat ediş merkezlerinde satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar, jemagat hyzmatlary (gaz, suw, elektrik energiýa), polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň degişli hyzmatlary we beýlekiler üçin tölegler geçirilýär. Ilatyň «Visa» we «MasterCard» halkara töleg ulgamlaryndan peýdalanmagy pul dolanyşygynyň ösüşinde nobatdaky möhüm tapgyr boldy.

Hödürlenýän hyzmatlaryň tiz ýerine ýetirilmegi we ýerlerde elýeterli bolmagy banklar bilen müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylmagyny üpjün etdi. Şeýle hem makroykdysady görkezijilere laýyklykda, manadyň daşary ýurt pullaryna bolan gatnaşygynyň durnukly bolmagynda galýandygyny bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: «Bu ugurda alnyp barylýan innowasion özgertmeler banklaryň maýalaşdyryş derejesiniň ýokarlanmagyna, maliýe serişdeleriniň binýadyny berkitmäge, bank gözegçiligini kämilleşdirmäge, bank amallarynyň göwrümini giňeltmäge, innowasion bank önümleriniň we tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna, agzalan ugurda ilata edilýän hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagyna oňyn täsirni ýetirýär. Ulgama täze tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy ilata töleg-hasaplasyk, depozit we beýleki hyzmatlary banka barmazdan ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär».

**Kakageldi HÜMMÄÝEW,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň prorektory,
ykdysady ylymlaryň kandidaty
alymlyk derejesine dalaşgär

# SELJERIŞ MAKALALARY

## HÄZIRKI ZAMAN NAGT DÄL PUL DOLANYŞYGYNYŇ GURALYŞY

Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan oýlanyşykly maliýe-ykdysady syýasatyň durmuşa geçirilmegi durnukly ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga, bütin dünýäde ýurdumyzyň abraýyny mundan beýläk-de belende galdyrmaga we raýathalkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk hem ýokarlandyrmaga ýardam berýär, ýurduň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmak üçin Durnukly ösüşiň maksatlarynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

Şeýle hem milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmäge gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligini häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak, bank ulgamynda ýerine ýetirilmeli işleriň arasynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly ykdysadyýeti tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrmak arkaly töwekgeliçiligiň derejesini peseltmek, ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak we bu hyzmatlaryň gerimini has-da giňeltmek boýunça netijeli çäreleriň geçirilýändigini aýratyn bellemek bolýar.

Bank ulgamlarynda giňden ornaşdyrylýan sanly hyzmatlardan müşderileriň bökdençsiz peýdalanmagy üçin internet ulgamynyň elýeterliligi we tizliginiň ýokary bolmagy gazanylýar. Bu ugurda ýurdumyzyň bank ulgamy bilen degişli edaralaryň arasynda sazlaşykly işjeň gatnaşyklaryň ýola goýulmagy pul dolanyşygynyň tizliginiň artmagyna öz täsirini ýetirer. Hususan-da, nagt däl hasaplaşyklaryň düzüminde, ýagny bölek söwdada ilat arasynda amala aşyrylýan gündelik töleg-hasaplaşyk amallarynyň artmagyna getirer.

Nagt däl hasaplaşyklar ýazgylaryň geçirilmegi bilen baglydyr, ýagny karz gelip çykmagy pullaryň ulanylmagy bilen bagly bolýarlar. Bu pullar dolanyşyga döwlet emission institutyndan – Türkmenistanyň Merkezi bankyndan, ondan bolsa depozit emissiýasynyň üsti bilen bank ulgamyna girýärler. Şunuň bilen baglylykda bu pullar bank ulgamynyň çäginden çykyp bilmeýärler, şonuň netijesinde şeýle pullar bilen hasaplaşyklar geçirilende banklar hyzmatdaşlaryň arasyndaky araçylara öwrülýärler, hasaplaşyklara gatnaşyjylaryň özleri bolsa bankyň müşderileri bolýarlar. Müşderiler banklarda hasaplary açýarlar, olaryň her biri beýan görnüşinde bolýarlar, onuň bir tarapynda müşderiniň ygtyýarlaryna gelýän pul serişdeleri, beýleki tarapynda bolsa olaryň aýrylmagy görkezilýär. Bu amallaryň netijesi bolup haýsy hem bolsa bir senäniň ýagdaýyna görä pul serişdeleriniň galyndysy çykyş edýär.

Banklar müşderilere hasap açmaklyga we ony ýöretmeklige uly höwes bilen hyzmat edýärler, sebäbi bankda saklanylýan pul serişdelerini özleriniň täjirçilik dolanyşygynda wagtlaýyn peýdalanmaga hukuk gazanýarlar. Müşderi töleg üçin niýetlenen serişdeleri islendik wagt ulanyp biler, şunuň bilen baglylykda banklar üçin bu serişdeler talap edilýänçä depozitler bolup hyzmat edýärler, olar boýunça tölenilýän göterimler iň pes derejede bellenilýär.

Müşderi özüne hasaplaşyk hyzmatyny ýerine ýetirjek bankyny saýlanda birnäçe şertlerden ugur alýar, olaryň has wajyplary bankyň ygtybarlylygy, geçirilýän hasaplaşyk amallaryň tizligi, komission baýraklaryň pes bahalanmagy, bank edarasynyň ýakynda ýerleşmegi we beýlekilerdir. Müşderiniň hasabyny ýöretmek bilen bagly bolan özara gatnaşyklar bank hasabynyň şertnamasyny ýa-da hasaplaşyk-kassa hyzmatynyň şertnamasyny baglaşmak bilen resmileşdirilýär. Müşderi bankyň bildirýän şertlerine laýyklykda hasap açmaklyk teklibi bilen banka ýüz tutýar, bankyň müşderiniň teklibinden ýüz öwürmäge haky ýokdur. Teklipden ýüz öwürmek diňe obýektiw şertler bilen ýa-da kanunda göz öňünde tutulan bolsa esaslandyrylyp bilner. Haçanda bank hasap şertnamasyny baglaşmakdan boýun gaçyrsa müşderi kazyýete ýüz tutmaga hukuklydyr, bu ýagdaýda bank müşderä ýetirilen zyýanyň öwezini dolmalydyr.

Mundan başgada müşderiniň hasabyna gelen pul serişdelerini bank degişli resminamalary alan gününiň ertesi geçirýär, ýöne şertnamada has gysga möhletiň göz öňünde tutulmagy hem mümkindir. Müşderiniň ygtyýar bermegi bilen pul serişdeleriniň hasapdan öçürilmegi hem, şol wagtda amala aşyrylýar. Müşderiniň öz hasabyndan serişdeleri aýyrmaklyga ygtyýar bermedik ýagdaýynda, bank diňe kazyýetiň, prokuraturanyň, jenaýat agtaryş guramalaryň, salgyt gullugynyň çözgütleri esasynda, ýa-da şeýle ygtyýarlygyň hökman däl ýagdaýlarynda hasapdan aýyryp bilýär. Bankyň müşderiniň serişdeleriniň sarp edilýän ugurlaryny kesgitlemäge we barlamaga, şeýle-de onuň hasapda saklanýan serişdelerine bolan hukugyny hiç-hili görnüşde çäklendirmäge haky ýokdur. Hasapda pul serişdeleriniň mukdarynyň ýeterlikli ýagdaýynda onuň eýesine bildirilýän talaplar kalendar nobatlylyk tertibinde tölenilýär, ýagny talaplaryň gelýän wagtyny göz öňünde tutulyp tölenilýär. Eger-de ähli talaplary birbada ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmasa onda serişdeleriň hasaba gelip gowuşmaklygyna baglylykda tölegiň aýratyn nobatlylygy güýje girýär. Bu nobatlylyk kärhananyň batan ýagdaýynda onuň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin bellenilen tertibe gabat gelýär. Bir nobata degişli bolan talaplar, kalendar nobatlylyk tertibinde tölenilýär. Aýratyn nobatlylyk tertibinde serişdeler hasapdan aýrylanda olara degişli resminamalar hemişe biraz saklanylyp we resminamada görkezilen jemden artykmaç tölenilýär, sebäbi oňa  tölegiň gijikdirilendigi üçin puşmanlar goşulýar.

Eger-de, bank müşderiniň hasaba geçirmeklik ýa-da pul serişdelerini ondan aýyrmaklyk görkezmelerini berjaý etmese, ýa-da degişli serişdeleri öz wagtynda müşderiniň hasabyna geçirmese, esaslandyrylmadyk ýagdaýda hasapdan serişdeleri aýyrsa, onda bank şol jeme degişli göterimleri tölemelidir. Göterimleriň möçberi bankyň hasap hakynyň derejesi bilen kesgitlenilýär. Bank hasaplary we olar boýunça amallary bank gizlinlikde saklaýar, bu maglumatlary diňe müşderileriň özleri we ýuridiki hem-de fiziki taraplaryň täjirçilik syrlaryna aralaşmaga kanun tarapyndan ygtyýar edilen döwlet guramalarynyň almaga hukuklary bardyr. Bank syryny aýan edenligi üçin müşderi bankdan özüne ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklygy talap edip bilýär. Bank hasaplary boýunça amallary geçirmekligiň ýokarda görkezilen kadalary ähli banklar üçin umumydyr. Şunuň bilen birlikde Türkmenistanyň banklary öz müşderilerine hasaplaryň dürli-dürli görnüşlerini hödürleýärler. Olaryň her birisi müşderiniň we onuň geçirýän hasaplaşyk amallarynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutýar.

Türkmenistanda bank hasabynyň giňden ýaýran we hojalyklaryň hasaplaşyklarynda esasy ulanylýan görnüşi hasaplaşyk hasabydyr.  Ol ykdysady we hukuk taýdan doly özbaşdaklyga eýe bolan kärhanalar we guramalar üçin açylýar, bu kärhanalar ýuridiki tarapyň statusyna eýedirler, gutarnykly buhgalter hasabyny ýöredýärler, salgydy özleri töleýärler we banklar bilen karz gatnaşyklaryna girýärler,  hyzmatdaşlary bilen islendik geleşikleri baglaşýarlar we ony ýerine ýetirýärler.

Ýokardaky resminamalar bankyň müşderiniň adyndan ýerine ýetirýän hasaplaşyk amallarynyň kanunylygyny, açyklygyny we hakykylygyny ýüze çykarmak üçin zerurdyr.

Ýuridiki tarapyň statusyna eýe bolmadyk we telekeçilik işi bilen meşgullanmaýan guramalara we edaralara banklar gündelik hasaplaryny açýarlar. Bular döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän, jemgyýetçilik we döwlet guramalarydyr hem-de edaralarydyr. Islendik hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirip bolýan hasaplaşyk hasaplaryndan tapawutlylykda, gündelik hasaby boýunça amallaryň görnüşleri çäklendirilýärler. Müşderiniň gündelik hasabyndaky pul serişdeleri onuň özünden ýokarda duran guramanyň tassyklan smetasyna berk laýyklykda sarp edilýär. Gündelik hasaplary ýuridiki tarap bolmadyk kärhanalaryň düzümleýin bölümleri we şahamçalary üçin hem açylýar. Bu hasaplara serişdeler diňe ýokarda duran guramalardan we esasan zähmet hakyny hem-de käbir hojalyk çykdaýjylaryny tölemeklik üçin niýetlenilýär.

Şahamçanyň beýleki ähli tölegleri we pul serişdeleriniň gelmekleri baş kärhananyň hasaplaşyk hasabynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Hasaplaşyk kömekçi hasap üçin hem amallaryň çäklendirilen sanyny bellemelidir. Hasaplaşyk hasabyna degişlilikde ol garaşly ýa-da goşmaça hasap hökmünde çykyş edýär, hasaplaşyk hasabynyň eýesiniň adyna açylýar, hasabyň açylan ýerinde baş kärhananyň şahamçasy ýa-da haýsy hem bolsa başga bir bölümi, köplenç söwda bölümi ýerleşen bolmaly, bölümde baş kärhananyň harytlary nagt pula satylýan bolmaly, nagt girdeji banka tabşyrylýar we hasaplaşyk kömekçi hasabyna geçirilýär, soňra belli bir döwür geçenden soň serişdeler nagt däl tertipde baş kärhananyň bankynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär. Hasaplaşyk kömekçi hasabyny jemleýji, ýagny ýygnaýjy hasap hökmünde häsiýetlendirip bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrümizde hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimiziň pul-karz ulgamyny ýokary derejä ýetirmek bilen baglanyşykly edýän tagallalary ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine, halkyň eşretli durmuşda ýaşamagyna uly goşant goşýar.

**Ogulmähri REJEPOWA,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň Ykdysadyýet we maliýe
kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý.

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



№5
2023
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2023 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.06.2022 | 01.01.2023 | 01.06.2023 | 01.06.2023<br>01.01.2023-e,<br>%-de | 01.06.2023<br>01.06.2022-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **151** | 102,7 | 102,7 |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 612,2** | **6 782,9** | **6 939,1** | 102,3 | 104,9 |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **7 783,97** | **16 389,77** | **13 419,66** | 81,9 | 172,4 |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **82 457,69** | **88 926,48** | **90 138,80** | *101,4* | *109,3* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **40 144,82** | **41 735,64** | **39 806,73** | *95,38* | *99,2* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **24** | 3 | 9 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **151** | **16** | **26** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **23** | **1** | **2** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2023 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
